# Tebigata

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Tebigata TEBIGATA

Talap hazynaňy, çürtüp sonaryň,
Saňa ýagyň gözi bilen esedip,
Kast eden kişinem it-guşa bermän
Goýnuňda duwlaýaň haram jesedin.

Erniň parawuzly, agzyň jähekli,
Uýadyň ýitirmän, syrman ýaşmagyň,
Daş bilen urany aş bilen urup
Ýaşap ýörsüň, ownuklykdan daşda sen.

* * *

Şeýtana ders beren garry dünýede,
Kimse malyň, kim mertebäň gedasy
Guýruk bulan gaýyň, ýyly ketekde,
Gurdyň ogly buýsanjynyň pidasy.

Kümüş kapasada sürpek sözleri,
Tütjar toty ýaňkalap ýör ýaltanman.
Sazy süňňüm söken sähraýy bilbil,
Çöp çatmada ýanyp gitdi ýalkanman.

Muhammetöwez ARRYKOW. Goşgular